# Agam jan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agam jan AGAM JAN

Är ömründe alty ony göreniň,
Altmyş ýaşyň gutly bolsun agam jan.
Silkme telpek, gyrmyzy don berenim,
Altmyş ýaşyň gutly bolsun agam jan.

Diýmegin ömüriň geçişi çaltmyş,
Ömür uzak entek, orta gürp altmyş,
Gözleriňde gördüm, paýhasyň artmyş,
Altmyş ýaşyň gutly bolsun agam jan.

Okap ýetdiň, ak-garany saýgarma,
Erjelligiň eýe etdi, «eýgermä»,
Ýetişikli, inilerňi eý görmä,
Altmyş ýaşyň gutly bolsun agam jan.

Ýigit wagtyň yşka düşmek, bar keýip,
Pasyllardan güýç alansyň berkeýip,
Hasaplaşsaň hiç kim bilmez çürkeýip,
Altmyş ýaşyň gutly bolsun agam jan.

Iniň Illi aýdar, göz aýla – seret,
Tebigat gözeldir, bir eser döret,
Täzeden aşyklyk ýoluny ýöret,
Altmyş ýaşyň gutly bolsun agam jan.

15.02.2017. Goşgular